# Hasrat

Category: Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Hasrat HASRAT

Şährimi eýlediň berbat,
Çekdirdigiň ahu-perýat,
Ömür tenha, göwün tenha,
Ga:l diýmäge dilim barmaz.

…Sebäp gözlämok panydan,
Meň üçin beýik danadyň,
Belki başgasyn haladyň,
Ýar diýmäge dilim barmaz.

Sowuljak eken bu bahar,
Yşk şeýle bir kalbym ýakar,
Damarymda hasrat akar,
Jan diýmäge dilim barmaz.

Geňledimmi, ýeňledimmi,
Bilýän, göwne degmedigmi,
Bilmändirin beýledigňi,
Şo-ol diýmäge dilim barmaz.

Ogulmeňli ÝARAŞOWA